# Mawerannahr özbekleri

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Mawerannahr özbekleri MAWERANNAHR ÖZBEKLERI

Bular Sogdiana şäherindendir. Ol gadym eýýamdan bäri patyşalaryň ýurtlarydyr. Olaryň beýik şäheri Samarkantdyr. Türküstan derýasy Hojendiň ýany Seljugyňkydyr. Emma Mawerennahr ýedi tümendir. Her tümen 10 müň esgerden ybaratdyr. Onuň şäheri köpdür. Margiana Ilek han zamanynda paýtagtdy. Sahyp "Hedae" ondandyr. Hojent derýasy, Termez, Nesf, Keşd, Buhara, Andijan, Horezm ýurtlarydyr.
Senganlar yklymy, Türküstan şäheri mongollardyr. Gypjaga baryňça 9 tümendir.
Olaryň ýurtlary Espijandyr, Şaruhyýe, Urkent, Otrar, Eşýara, Sengan we Daşkentdir. Daşkent gadymy uly paýtagt şäherdir.
Jeýhun derýasynyň töweregi gündogara baryňça Turandyr. Beýleki tarapy Günbatara baryňça Eýrandyr. Ýokarda agzalan yklymlara meşhur Şabeghan atly patyşa bolup, öwlady bilen hijriniň 978-nji ýylyna çenli hökümdarlyk etdiler. Ýokarda agzalan senede Isgender han aradan çykyp ýerine Pir Muhammet han bolup, ýüz elli ýaşynda bolup, has garranlygy üçin ogly Abdylla hany ýerine oturtdy. Häzir ol ýurtlarda han şolardandyr. Soňy.
Taryhy makalalar